# Şulary oýlaýanyňyz barmy?

Category: Filosofiýa,Kitapcy,Sözler
написано kitapcy | 24 января, 2025
Şulary oýlaýanyňyz barmy? ŞULARY OÝLAÝANYŇYZ BARMY?

Siziň pikiriňizçe adamzadyň ugry hanjak?
Indi herkes diňe özüni bilýärmi?
A biziň ýolumyz nähili bolmaly? Biz näme hakda pikirlenmeli? Nähili pikirlenmeli?
Aslynda bular barada az-owlak pikirlensek, erbed-ä bolmazdy…
Şol ýol haýsy ýol?
Käte edýän zatlarymyzy üns bermän edýäris… Aýdan sözlerimiz bilen adamlary gynandyrýarysmy ýa begendirýäris?
Pikirlenýän ýok gerek, şeýlemi?
Agzymyza gelen sözi şobada diýip goýberýäris! Ölçermezden..! Pikirlenmezden..!
Ol Belent Ynsan!
Ol Beýik Rebbiň «Sen bolmadyk bolsaň, älemleri ýaratmazdym» diýen Ýagşyzadasynyň (s.a.w) aýdan bir sözi ýadyma düşýär we aslynda bu hemişe ýadymyza düşüp durmaly…
«Özüne isleýän zadyny din doganyna-da islemeýäniň imany kämil däldir.» (Ebu Dawut).
Hawa! A eýse biz? Özümize bolsun eden zadymyzy başgalara-da (din doganlarymyza-da) bolsun etdikmi?
Öz gaýgymyzy edişimiz ýaly başgalaryňam (din doganlarymyzyň) gaýgysyny etdikmi?
Özümize diýlende gaş çytyşymyz ýaly başgalary (din doganlarymyz) babatda-da dilimizi dişimiziň aňyrsynda saklap bildikmi?..!
Şol ýol haýsy ýol diýipdim-ä, ýaňy!.. Ine, şol ýol «Ýaradylanlaryň iň Ajabynyň» ýoly! Muhammet pygamberiň (s.a.w) ýoly, Ehli-Sünnet ýoly! Din doganyňa düşünmegiň ýoly! Ine, nebsiň aç gözüni daňmagyň ýoly, bu ýol! Jennet ýol! HAK ÝOL!
**Şulary, heý, oýlaýanyňyz barmy?**
Essalawmaleýkim!!!